# Oýnatgy nadanlar

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Oýnatgy nadanlar OÝNATGY NADANLAR




Ýer yranmasynyñ ikinji günüdi.
Oppozision teleýaýlymlaryñ birinde zenan kärdeşimiñ gohuna gabat geldim. Gygyrýardy:
– Hany harbylar? Nämüçin ýer titrän ýerlerde harby gullukçylar ýok?
Özümi saklap bilmedim, «Siz sebäpli! Siziñ ýaly oýnatgy nadanlar sebäpli!» diýip gygyranymy duýman galdym.
Näme üçin şeýle diýenimi düşündireýin:
1997-nji ýylyñ 7-nji iýuly.
TÝG-nyñ Baş Ştaby bilen Içeri işler ministrliginiñ arasynda 5442 belgili «Welaýatlary dolandyrmak baradaky» kanunynyñ 11/d maddasy esasynda alynmaly umumy öñüni alyş çäreleri boýunça protokola gol çekildi.
Adyna gysgaça “EMASÝA” diýilýän protokol “Emniýet-Asayiş-Yardımlaşma” («Howpsuzlyk, Asudalyk, Raýdaşlyk») sözleriniñ gysgaldylan adydy.
27 maddadan ybarat protokol terrorçylyk, ýer yranmasy, sil, ýangyn ýaly tebigy betbagtlyklar bolan ýagdaýynda etraplarda ýa-da welaýatlarda kömekçi güýçleriñ ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda häkimligiñ talaby bilen harbylardan kömek alynmagyny ýola goýdy.
Maksat – halk häkimiýetiniñ gözegçiliginde koordinasiýa we hyzmatdaşlygy arkaly jemgyýetçilik tertip-düzgüni ýola goýmakdy.
Harby bölümleriñ we polisiýa güýçleriniñ bileleşip işlemegini üpjün edýän «EMASYA» protokoly 1999-njy ýylyñ 17-nji awgustynda durmuşa geçirildi. Esgerlerimiz ýer yranan ýerlerde

bitiren işleri bilen uly iliñ alkyşyna mynasyp boldy.
Soñra näme boldy?


Yeni Şafak
BAŞBAKAN ERDOĞAN PROTOKOL EN KISA SÜREDE İPTAL EDİLECEK
EMASYA DİYE BİRŞEY OLAMAZ
KIŞLAYA DÖNDÜ

* * *

FETÖ «Ergenekon» pyrryldagy üçin bat alan wagtynda «EMASYA» protokolyny nyşana aldy. FETÖ ýeke däldi…

AKP, Kandiliñ (PKK) raýat guýrugy bolan partiýa, agyp-dönüp duran çepçiler, liboşlar, JHP-niñ 10-njy dekabrçylary we bularyñ mediýa organlary FETÖ bilen el-ele berip, «EMASYA» protokolynyñ «döwlet agdarylyşygyna şert döredýändigi» propogandasy bilen Türk Ýaragly Güýçlerine (TÝG) garşy duşmançylyk etmekde ýaryşdylar…

Ýogsam bolmasa birküç ýyl öñ 2004-nji ýylyñ 2-nji fewralynda AKP-li Içeri işler ministri Murat Başesgiogly Ýokary Halk Mejlisiniñ (TBMM) esasy ýygnanşygynda şeýle çykyş edipdi:

«– “EMASYA» meýilnamasy Türkiýäniñ hereket edýän howpsuzlyk güýçleriniñ arasynda hyzmatdaşlygy ýokary derejä çykarmagyñ kanuny gollanmast bolan protokoldyr. Mazmunynda welaýat häkiminiñ sebitde ýüze çykan jemgyýetçilik hadysalary, tebigy betbagtlyklary öz güýji bilen aradan aýryp bilmedik ýagdaýynda kömekçi güýç sorap bilmegi bar. Şol günüñ şertlerinde biri-birleri bilen duşuşmaýan, arkalaşmaýan, maglumat paýlaşmaýan, işleşmeýän howpsuzlyk güýçlerini bilelikde hereket etdirmegiñ modelidir…»

Emma:

TÝG-niñ içinde özüne müritlik etmeýän serkerdeleri gyraklatmak isleýän FETÖ çeññegine ildiren «oýnatgy nadanlary» bilen birlikde «döwlet agdarlyşygyna şert döredýän «EMASYA» ýatyrylsyn» diýip garalama kampaniýasynyñ başyny başladylar…



* * *
2010-njy ýylyñ 20-nji ýanwary.
«Taraf» gazetiniñ «Fatih» metjidini bombalamakçydylar» habaryndan soñ FETÖ-çy prokurorlar herekete geçdi. Pyrryldagyñ döreden syýasy atmosferasy netijesinde «EMASYA» protokoly 2010-njy ýylyñ 4-nji fewralynda ýatyryldy. Yzyndan «Balyoz» pyrryldagy başladylyp, TÝG doly didiwana mündürildi. Soñ näme bolanyny özüñizem bilýäñiz…
Hakykatdanam bular şo derejede «oýnatgy nadanlardy» welin, «EMASYA» protokolynyñ soñ haçan güýje girizilendigini bilýäñizmi: 2016-njy ýylyñ 14-nji iýuly.
Hawa, FETÖ döwlet agdarlyşygyndan bir gün öñ! FETÖ «döwlet agdarlyşygyna şert döredýär» diýýän «EMASYA» protokolyna üýtgeşme girizdi: TÝG-ne raýat serkerdelerine (mülkü amir) habar bermezden operasiýa geçirmäge hukuk berildi!
AKP «15-nji iýul döwlet agdarlyşygyny» başdan geçirdi welin, ýalñyşandygyny bildi, «EMASYA» protokolyny şobada ýatyrdy.
Netijede:
Tebigy betbagtlyklarda halkynyñ ýanynda bolmaly harby gullukçylarymyz FETÖ we onuñ oýnatgy nadanlary sebäpli näme etjegini bilmez ýaly derejä getirildi.
Şol wagt «Hürriyet» gazetinde «Balyoz» pyrryldaklary, «EMASYA» ýalanlary barada bir sahypany tutup duran makala ýazypdym (07.02.2010 ý.)
Bolup geçýän zatlaryñ Osmanlynyñ ahyrky günlerinde bolup geçýänleriñ birmeñzeşidigini «Mehmet Akifi haýrana goýjak meñzeşlik» ady bilen beýan edipdim we şahyryñ sözi bilen gutarypdym:
«Heý, sapak alynanda taryh gaýtalanar durarmy?»
Sapak alynmaýandygy üçin FETÖ döwlet agdarlyşygyna synanşygy

bolup geçdi-dä…
Düýn, “EMASYA» ýatyrylsyn!” diýip gygyranlar indi teleýaýlymda «harbylar nirede?” diýip gohlaýar!
Hut şol ýoldaşlar Jelal Şengörüñ ýer yranmasy hakdaky telegepleşikde häkimiýete gönükdirip «ýurdy körsowatlyk dolandyryp bilmez» sözüni halady…
Körsowatlyk diñe häkimiýet bilen çäklenýärmi? Aram-aram sizem aýna serediñ-ä, liboş kärdeşlerim!

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 09.02.2023 ý. Publisistika